

# Ýolbars we syçan

**Çagalar üçin hekaýa**

**«ZEHINLI KÖRPE»**

# Ýolbars we syçan



Günlerde bir gün bir ýolbars ukudaka, kiçijik syçan onuň üstünde aşak ýokaryk ylgap, oýnamaga başlapdyr. Bu ýolbarsy derrew oýarypdyr. Ol ullakan penjesini syçanyň üstüne goýup, ony ýuwutmak üçin äpet agzyny giň açypdyr.

Kiçijik syçan "Bagyşla, eý patyşa!" diýip, aglapdyr. "Bu gezek meni bagyşla. Men indi hiç haçan şeýle etmerin we seniň rehmiňi unutmaryn. Kim bilýär, bir gün men hem size ýagşylyk edip bilerin?"



Syçanyň özüne kömek edip biljekdigine ýolbarsyň gülküsi gelipdir we ol penjesini galdyryp, ony goýberipdir.

Birnäçe wagt geçensoň, bäş-alty sany awçy patyşany tutup, ony äkitmäge araba gözlemäge gidipdirler. Gelýänçäler gaçmaz ýaly ýolbarsy agaja daňypdyrlar.

Edil şol wagt kiçijik syçan geçip barýan eken, ol ýolbarsyň düşen gününi görüp, oňa tarap ylgapdyr we haýwanlaryň patyşasyny saklaýan ýüpleri çeýnäp üzüpdir. Kiçijik syçan ýolbarsa kömek edenine begenip "Men mamla ekenimmi?" diýipdir.

SAPAK: Kiçijik dostlar hem uly ýagşylyk edip bilerler.